# Ýigitlik bir gyzyl gül

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýigitlik bir gyzyl gül ÝIGITLIK BIR GYZYL GÜL

Ruhy atamyz Magtymguly «Ýigitlik – bir gyzyl gül» diýip ýöne ýere aýtmandyr. Ynsan ýaşaýşynyň iň hezil, iň galagoply, iň gyzykly döwri, megerem, şu döwür bolsa gerek. Hemme zat oglanlykdan, ýigitlikden başlanýar. Adam şu döwürde ösýär, kemala gelýär.
Geçmişde türkmen halkynyň at-abraýyny goran, namysjaň, batyr, daýhan, işeňňir ýigitler bolupdyr. Olar türkmen topragyny gözüniň göreji ýaly gorapdyrlar, maşgala namysyny hemme zatdan ýokary saýypdyrlar. Magtymguly, Seýdi, Zelili, Kemine ýaly söz ussatlary olara bagyşlap onlarça şygyr döredipdir. Şeýle ýigitler häzirem ýok diýip bilmen, olar häzirem bar. Ýöne weli käbir ýigitleriň bolşuny görüp, olara asylzada, sada ýigitlerden görelde almaklaryny maslahat beresiň gelýär.
Ynha, badyhowa ýigitler bolýar. Olar özlerinden başgalary äsgermeýärler, mahlasy, özlerine artykmaç baha berýärler. Şol jahyllardan hiç haçan gowulyga garaşmak mümkin däl. Olat ýeke çykan gyzgan ýaly illersen üzňe, peýdasyz perişde.
Meni ýene bir zat biynjalyk edýär. Olam käbir ýaş-ýeleňleriň çylkasyzlygy. Olar geçip barýan gyz-gelinlere lak atýarlar, süwümsiz sözlerini aýdýarlar.
Ýigitleriň arasynda neşekeşlik belasynyňam doly aýrylyp gidibermeýändigi bizi gynandyrýar. Ýaş ýigitler 3-4, 5-6 bolup simde oýnaýarlar. Neşe çekip, gül ömürlerini kül edýärler. Olaryň bu kesbi jemgyýetimize-de, nesillere-de uly zyýan.
Käbir ýigitleriň bolşy hem gynandyrýar, hem gaharyňy getirýär. Olar iş etmegi kyn görüp, oňa-muňa ýüz urýar. Barýarlar bazara, öňde goýlan stoljugyň üstünde dürli-dümen üýşürip, olary on bahasyna gymmat satýarlar. Niýetleri hem halky çürkäp, çörek iýmek. Olaryň aýdan zyýat, günden gözel gelinleri nirededir öýdýärsiňiz?! Olar Türkiýede, Eýranda, Hytaýda, Özbegistanda söwda edýärler.

«Alym bolmak añsat, adam bolmak kyn» diýip könelerimiz aýdypdyr ahyry. Adam bolmak üçin özüñe basalyk bolmaly, özüñden özüñ talap etmeli. Adamkärçilik bolsa, esasan, oglanlykda, ýigitlikde kemala gelýär.

Eýsem ýigitlere nämeleri maslahat bermeli bolar: ozaly bilen olara «Adam boluñ!» diýip sargasym gelýär. Şonuñ üçin hem şu aşakdaky edähetleri tutunyñ:

1. Ululara hormat goý!
2. Salamly bol!
3. Zähmeti söý!
4. Maşgala terbiýesine üns ber!
5. Hünär öwren!
6. Kiçilere görelde bol!
7. Päliñi pes tut!
8. Neşelerden, zynahorlykdan gaça dur!
9. Watany söý, Watana gowy gulluk et!
10. Gygyrma!
11. Sygyrma!
12. Sada bol!

Alla olaryñ kalbyna gowulugy salsyn!

Begmyrat TÄÇMYRADOW,
Tejen etraby. Jemgyýetçilik tankydy